Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№16 (165) 2026-njy ýylyň 10-njy iýuny



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**2-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Italiýa Respublikasynyň Prezidenti Serjio Mattarella we ýurduň ähli halkyna Italiýanyň milli baýramy — Respublika gününiň 80 ýyllygy mynasybetli mähirli gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**3-nji iýunda** ýurdumyzda Bütindünýä welosiped güni bellenildi. Bu halkara sene mynasybetli paýtagtymyzda geçirilen köpçülikleýin welosipedli ýörişe hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagy onuň many-mazmunyny has-da artdyrdy. Geçirilmegi indi asylly däbe öwrülen bu giň gerimli sport çäresi ilatyň beden we ruhy taýdan sagdynlygyny pugtalandyrmaga ýardam bermek bilen bir hatarda, ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmekde, sport medeniýetini ösdürmekde hem möhüm ähmiýete eýedir.

***

**4-nji iýunda** paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň dokuzynjy mejlisi geçirildi. Oňa Türkmenistanyň degişli ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, Türkiýe Respublikasynyň wise-prezidenti Jewdet Ýylmazyň ýolbaşçylygynda ýurdumyza sapar bilen gelen wekilçilikli topar gatnaşdy.

***

**4-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Türkmen-amerikan işewürlik geňeşiniň Ýerine ýetiriji direktory Erik Stýuarty kabul etdi.

***

**4-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Türkiýe Respublikasynyň wise-prezidenti, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň türk tarapynyň başlygy Jewdet Ýylmazy kabul etdi.

***

**4-nji iýunda** Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Mejlisde harby we hukuk goraýjy edaralar tarapyndan şu ýylyň bäş aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine seredildi. Şeýle hem Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmäge, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge, olaryň işini has-da kämilleşdirmäge degişli meseleleriň birnäçesi ara alnyp maslahatlaşyldy.

***

**5-nji iýunda** Oba hojalyk toplumynyň binasynda Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni mynasybetli «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ekologiýa abadançylygy we halkara hyzmatdaşlyk» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi. Oňa ýurdumyzyň ugurdaş ministrlikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary, iri halkara hem-de sebit guramalarynyň, şol sanda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar.

***

**5-nii iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Azerbaýjan Respublikasynyň medeniýet ministri Adil Kerimlini kabul etdi.

***

**5-nji iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň bäş aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.

***

**6-njy iýunda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Şwesiýanyň Patyşasy Karl XVI Gustawa Şwesiýanyň Milli güni mynasybetli ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

**8-nji iýunda** Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow, iş sapary bilen Aşgabada gelen, ABŞ-nyň Döwlet sekretarynyň jemgyýetçilik diplomatiýasy boýunça orunbasary Sara Rojers bilen duşuşdy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## TÄZELIKLER
## НОВОСТИ
## NEWS



### MASS CYCLING RIDE DEDICATED TO THE WORLD BICYCLE DAY ON JUNE 3

On June 3, 2026, on the occasion of World Bicycle Day, a wide range of diverse festive celebrations and mass cycling events are being widely organized across our sovereign country. One such solemn event was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, bringing together the faculty, professors, student-athletes and youth.

As it is well known, at the present period, cycling is one of the most popular sports that contributes to the ecological well-being of society and the promotion of human health. In this regard, it is necessary to highlight the paramount significance of the adoption of the Resolution by the United Nations General Assembly declaring June 3 as "World Bicycle Day" during the 82nd plenary meeting of the 72nd session of the United Nations General Assembly on April 12, 2018, which was unanimously adopted at the initiative of our Hero Arkadag.

During the festive events organized at the National School of Turkmen Diplomacy, various sports competitions and student mass



bicycle races were arranged. Musical performances brought a unique enthusiasm to the sports celebration, serving as a clear reflection of the remarkable achievements made in our glorious year in the fields of sports and health. This stands as another vivid demonstration that the noble principles of developing cycling, advancing sports diplomacy and encouraging the younger generation to engage in mass physical culture and sports movement are being worthily sustained in our new historical era.

### НАУЧНО-ПРАКТИЧЕСКАЯ КОНФЕРЕНЦИЯ, ПОСВЯЩЁННАЯ ДНЮ НАУКИ

8 июня 2026 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась научно-практическая конференция на тему «Система науки и образования — неиссякаемая сила устойчивого развития государства и общества», посвящённая Дню науки. В мероприятии приняли участие профессора и преподаватели Национальной школы туркменской дипломатии, студенческая молодёжь, а также представители научных учреждений страны.

Выступавшие на конференции подробно рассказали о



развитии системы науки и образования, являющейся основой развития государства и общества в годы Независимости, о важности иностранных языков для специалистов международного профиля, об эффективности использования цифровых технологий в изучении иностранных языков, а также о национальном опыте реализации важных направлений дипломатии Туркменистана.

**«Голос молодого дипломата».**

# BITARAPLYK SYÝASATYNYŇ NOBATDAKY DABARALANMASY

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly atmyradyň mekany» ýylynda türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň daşary syýasy ulgamynda uly üstünlikler gazanylýar. Bilşimiz ýaly, hemişelik Bitaraplyk syýasaty ýurdumyzyň daşary syýasatynyň berk binýadyny emele getirýär. Şunuň bilen baglylykda, ýakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 82-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş işini goldamakda hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamanyň kabul edilmegi möhüm ähmiýete eýe bolup, bu şanly waka türkmen diplomatiýasynyň taryhyna altyn harplar bile ýazyldy.

1991-nji ýylda döwletimiz mukaddes Garaşsyzlygyna eýe bolanyndan soň, ýurdumyz parahatçylyk söýüjilik, özara bähbitlilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine esaslanyp, daşary syýasatynyň esasy hökmünde Bitaraplyk syýasatyny saýlap aldy. 1992-nji ýylyň 10-njy iýulynda Helsinkide (Finlandiýa) geçirilen ÝHHG-niň sammitinde Türkmenistan ilkinji gezek özüniň daşary syýasatynyň baş ugry hökmünde hemişelik Bitaraplyk syýasatyny saýlap almak islegini beýan etdi. Şeýle-de 1995-nji ýylda Yslamabatda geçirilen Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň 3-nji duşuşugynyň jemleri boýunça kabul edilen Yslamabat Jarnamasy, soňra Karatahenada geçirilen Goşulyşmazlyk Hereketine girýän ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň 11-nji konferensiýasynyň Jemleýji namasy bilen ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasaty tassyklanyldy. Mälim bolşy ýaly, bu syýasat Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan hem doly goldanylyp, «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamalar üç gezek kabul edildi.

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň 82-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş işini goldamakda hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamanyň kabul edilmegi mynasybetli Gahryman Arkadagymyzyň hormatly Prezidentimize iberen Gutlagynda: «Türkmen Bitaraplygy — bu parahatçylygyň ýoludyr, halkymyzyň dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmagyň mümkinçiliklerinden ugur alýan düýpli taglymatydyr. Täze kabul edilen Kararnama bolsa Watanymyzyň saýlap alan ýolunyň örän dogrudygyny ýene bir gezek aýdyň subut edýär» diýip jaýdar belleýär. Hakykatdan-da, Bitaraplyk — bu parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşi üpjün etmegiň aýdyň ýoly. Munuň şeýledigini Garaşsyzlyk ýyllarynda hemişelik Bitarap syýasatyna eýermek bilen, ýurdumyzyň başlangyçlary esasynda Milletler Bileleşiginde 30-dan gowrak Kararnamanyň kabul edilmegi hem aýdyň görkezýär.



Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýy hemişelik, ýagny wagt ýa-da hiçbir ýagdaý bilen çäklendirilmedikdir. Şeýle hem Watanymyzyň ählumumy ykrar edilen Bitaraplygynyň iň esasy aýratynlyklarynyň biri hem onuň mazmuny boýunça oňyn bolmagydyr. Döwletimiz şeýle syýasata eýerip Birleşen Milletler Guramasy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Türki Döwletleriň Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly birnäçe halkara guramalar bilen hem ysnyşykly gatnaşyklary alyp barýar. Ýeri gelende belläp geçsek, ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýy diňe bir Milletler Bileleşigi tarapyndan däl, eýsem, başga-da ençeme iri halkara guramalary tarapyndan doly goldanylýar. Munuň şeýledigini geçen ýyl YHG-nyň daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň 51-nji mejlisiniň çäklerinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň giňişliginde we bütin dünýäde halkara parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny hakynda» Kararnamanyň kabul edilmegi hem doly aýdyňlygy bilen tassyklaýar.

Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Garaşsyz döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň maksady halkara hukugyň kadalaryna hem-de borçnamalaryna gyşarnyksyz eýerip, ýurdumyzyň geosyýasy we geoykdysady mümkinçiliklerini asuda, abadan durmuşyň, döredijilikli ösüşiň bähbidine gönükdirmekden ybaratdyr» diýip belleýşi ýaly, bu günki gün Watanymyz parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň mekanyna öwrüldi.

**Perhat MAHREMOW,**
Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň mugallymy.

# DOKMA PUDAGYNYŇ ÖSÜŞLI MENZILLERI

*«Turkmentextile Expo — 2026» atly halkara sergi-ýarmarkasynda aýdyň şöhlelendi*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiz batly depginler bilen ösdürilýär. Bu babatda ýurdumyzyň dokma toplumyna aýratyn orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmak maksady bilen, döwrebap enjamlar bilen üpjün edilen, häzirki döwrüň ýokary talaplaryna laýyk gelýän zawodlardyr fabrikler gurulýar hem-de ulanmaga berilýär. Olarda dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilýän önümler öndürilýär. Daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürýän önümçilikleri döretmek, döwletimiziň ykdysady kuwwatyny, onuň eksport mümkinçiligini has-da ýokarlandyrmak babatda uly işler alnyp barylýar. Ýakynda Söwda-senagat edarasynda geçirilen «Turkmentextile Expo — 2026» atly halkara sergi-ýarmarkasy hem munuň şeýledigini doly aýdyňlygy bilen subut etdi.

Milli ykdysadyýetimizi toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmak we diwersifikasiýalaşdyrmak, bazar gatnaşyklarynyň hem-de döwlet dolandyrylyşynyň sazlaşygyny emele getirmek dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagy ugur edinýän ýurdumyzyň senagat syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Şu jähetden soňky ýyllarda eksport ugruny nazarlaýan we dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply önümçiligi alyp barýan ýurdumyzyň dokma senagaty öz ösüşini depginli dowam edýär. Giň gerimli halkara sergi hem milli ykdysadyýetimiziň dokma pudagynyň mümkinçilikleri, öňdebaryjy gazananlary, täze önümleri bilen tanyşdyrmaga, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli işewürlik gatnaşyklaryny has-da ösdürmäge amatly şertleri döredýär.





«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda milli ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan dokma senagatynda giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan özgertmeler syýasatynyň häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, pudagyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli kämilleşdirilýär hem-de oňa öňdebaryjy tejribeler ornaşdyrylýar. Munuň özi ýurdumyzyň dokma kärhanalarynyň dünýä bazarynda uly gyzyklanma eýe bolan ýokary hilli, ekologik taýdan arassa önümleri öndürmekleri üçin wajyp binýatdyr. Diýarymyzyň amatly toprak-howa şertleri dünýä bazarynda uly isleg bildirilýän orta we inçe süýümli pagtany senagat möçberinde gaýtadan işlemäge giň mümkinçilikleri döredýär. Pudak üçin möhüm çig mal bolan pagtanyň döwlet satyn alyş nyrhynyň ýokarlandyrylmagy, oba hojalyk önümlerini öndürijiler üçin döredilýän amatly şertler dokma senagatynyň önümçiliginiň görnüş we möçber babatda has-da artmagyny şertlendirýär. Häzirki zaman dokma senagaty diňe bir tehnologiýa bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ekologiýa taýdan arassalygyň, ulanmaga amatlylygyň we özboluşly gurluş aýratynlygynyň filosofiýasydyr. Dünýä önümçilik meýilleriniň merkezinde durnukly ösüş we tebigy serişdeler — pagta, keteni we ýüň ulanylmagy berk orun aldy. Türkmen dokma önümleri muňa doly gabat gelýär, milli nagyşlar we ata-babalaryň däp-dessurlaryna ygrarlylyk bilen onuň üstüni ýetirýär.

Sergä Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň garamagyndaky kärhanalaryň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň bu ugurda iş alyp barýan agzalarynyň, daşary ýurtlardan dokma enjamlaryny, dokma senagaty üçin boýag hem-de himiki serişdeleri, çig mal, gaplaýyş we önümçilik serişdelerini öndüriji, üpjün ediji kompaniýalaryň 100-e golaýy diwarlyklary bilen gatnaşdylar.

Häzirki wagtda pudagyň kärhanalaryndaky önümçilik-tehniki binýady täzelemek we içerki tebigy çeşmeler esasynda innowasion önümçilikleri döretmek boýunça daşary ýurtlaryň iri önüm öndürijileri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk alnyp barylýar. Daşary ýurtly hyzmatdaşlaryň ýurdumyzyň geljegi uly dokma pudagynda bilelikde iş alyp barmaga gyzyklanma bildirýändikleri aýratyn bellenilmäge mynasyp. Şu gezekki sergä dokma enjamlaryny, boýaglary öndürmek babatda öňdebaryjy kompaniýalaryň birnäçesiniň gatnaşmagy hem munuň aýdyň subutnamasydyr. Şolaryň hatarynda Italiýanyň, Türkiýäniň, Hytaýyň iri kompaniýalarynyň diwarlyklary serginiň esasy bölegini emele getirýär. Şunuň bilen bir hatarda, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň, Şweýsariýanyň, Germaniýanyň, Pakistanyň, Hindistanyň dokma senagaty üçin zerur enjamlary, himiki serişdeleri öndürýän kompaniýalary hem okgunly ösýän türkmen bazarynda hyzmatdaşlyk üçin mümkinçilikleri bilen tanyşdyrýarlar. Bu kompaniýalaryň taýýarlaýan önümleri uly gyzyklanma döredýär.







Goý, milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak ýoly bilen yzygiderli ösdürýän, bu babatda halkara hyzmatdaşlygyny yzygiderli berkidýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Hudaýberdi ROZYKOW,**
Halkara gatnaşyklary fakultetiniň 4-nji ýyl talyby.

5-nji iýunda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-türk toparynyň dokuzynjy mejlisi geçirildi.

## WORLD-CLASS SUCCESS OF OUR STUDENTS



On January 20, 2026, the results of the “Global Sustainability Supply Chain Student Competition”, one of the most prestigious global student contests in the fields of sustainable logistics and international transport diplomacy were announced. Aimed at contributing to the United Nations Sustainable Development Goals (SDGs) and the UN initiative “Decade of Sustainable Transport (2026–2035)”, this competition brought together the world’s leading higher education institutions.

A total of 113 elite teams from around the world participated in this global competition. They navigated a highly complex, three-stage competitive process (written submission, presentation, and final pitch) focused on solving real-world logistics and sustainable supply chain challenges.

According to the final results of the competition, Mahri Guzychyyeva and Davut Gezerov, the 3rd-year students of the Faculty of International Economic Relations of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, won podium places and were awarded diplomas, medals for their outstanding performance. Our students were guided at this international level by Gaplang Esenamanov, Senior Lecturer of the Faculty of International Economic Relations, Candidate of Physical and Mathematical Sciences, and Master Teacher of Turkmenistan.

**Resul ATAJANOV,**
the 3rd-year student of the Faculty
of International Economic Relations.

## FILOSOFIÝA – DÜNÝÄ AKYL ÝETIRMEGIŇ ÇEŞMESI



Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň ylym-bilim giňişliginde sazlaşykly ösýän döwründe ata Watanymyza, Türkmenistanyň Prezidentine, mähriban halkymyza wepaly, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, ýiti zehinli, ukyp-başarnykly ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen, dürli ugurlar boýunça bäsleşikler yzygiderli geçirilýär. Bu babatda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany ýylynyň» aprel aýynda Türkmen oba hojalyk institutynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Filosofiýa» dersi boýunça II internet ders bäsleşiginiň geçirilmegi hem möhüm ähmiýete eýe boldy.

Al-Horezmi, Al-Faraby, Ibn Sina, Magtymguly Pyragy ýaly akyldarlaryň filosofiki garaýyşlary esasynda filosofiýanyň ylym hökmünde dünýägaraýşy giň watançy ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde ähmiýeti uludyr. Şu okuw ýylynyň dowamynda «Filosofiýa», «Häzirki zaman türkmen jemgyýeti» okuw dersleri boýunça geçirilen ders bäsleşiklerinden onlarça talyplar ýeňiji boldular we diplomlar bilen sylaglandylar.

Filosofiýa dersi boýunça II internet ders bäsleşiginiň netijeleri boýunça Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Sahydöwlet Hümmetjumaýew II we şol fakultetiň 3-nji ýyl talyby Taňryguly Geldimämmedow III orna mynasyp bolup, diplom bilen sylaglandylar.

**Hojamyrat BAÝLYÝEW,**
Halkara gatnaşyklary fakultetiniň
4-nji ýyl talyby.

## УСПЕХ НАШИХ СТУДЕНТОВ НА МЕЖДУНАРОДНОМ КОНКУРСЕ



15 мая 2026 года в Туркменском государственном институте экономики и управления состоялась IV Открытая международная интернет-олимпиада по дисциплине «Мировая экономика» среди студентов высших учебных заведений Туркменистана и зарубежных стран.

В ходе олимпиады студенты продемонстрировали свои знания и навыки по дисциплине «Мировая экономика». В IV Открытой международной интернет-олимпиаде приняли участие 142 студента из 39 высших учебных заведений Туркменистана, Федеративной Республики Германия, Российской Федерации, Республики Беларусь, Кыргызской Республики, Республики Узбекистан, Республики Казахстан, Республики Армения, Республики Таджикистан, Исламской Республики Пакистан, Азербайджанской Республики и Турецкой Республики.

По итогам соревнования команда под руководством преподавателя кафедры международных экономических отношений Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана Бегмырата Атаева была удостоена Благодарственного письма за высокие результаты. Студенты факультета международных экономических отношений института также добились значительных успехов: Айлар Джумаева заняла II место, Гулайым Бакыева — III место, а Давут Гезеров и Шаназар Овлиягулыев были награждены Благодарственными письмами.

**Мырат МАКСАДОВ,**
студент 2-го курса факультета
международных экономических отношений.

# ENERGETIKA PUDAGYNYŇ GELJEGI

Türkmenistanyň energetika diplomatiýasy ýurduň daşary syýasatynyň iň möhüm ugurlarynyň biri bolup, onuň ykdysady ösüşinde, halkara abraýynyň ýokarlanmagynda hem-de sebit we dünýä derejesindäki hyzmatdaşlygynyň giňelmeginde uly orun eýeleýär. Tebigy baýlyklara, aýratyn-da, uglewodorod serişdelerine baý bolan Türkmenistan bu mümkinçilikleri netijeli peýdalanyp, energetika diplomatiýasyny işjeň alyp barýar.

Tebigy gazyň gorlary boýunça ýurdumyz öňdäki orunlary eýeleýär. «Galkynyş» gaz käni dünýäniň iň uly gaz ýataklarynyň hatarynda tanalýar. Şeýle tebigy baýlyklar Türkmenistanyň halkara energetika bazarlarynda möhüm hyzmatdaş hökmünde çykyş etmegine mümkinçilik döredýär. Türkmenistan energiýa serişdelerini eksport etmek arkaly dürli ýurtlar bilen hyzmatdaşlygy barha ösdürýär. Ýurdumyz öz tebigy gazyny dürli ugurlar boýunça dünýä bazaryna çykarmagy maksat edinip, bu babatda ençeme işleri amala aşyrdy. Türkmenistanyň energetika taslamasynyň iň irileriniň biri hökmünde Türkmenistan – Hytaý gaz geçirijisi dünýä yüzünde giňden tanalýar. Oňa «asyryň taslamasy» diýlip at berilmegi hem ýöne ýerden däldir.







Häzirki wagtda gurluşygy batly depginler bilen alnyp barylýan Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisi hem dünýäde uly taslamalaryň biri bolmagynda galyp, onuň işi türkmen hünärmenleri tarapyndan ýerine ýetirilýär. Ady agzalan taslamalar diňe bir ykdysady tarapdan peýda getirmän, eýsem, sebitde durnuklylygy we hyzmatdaşlygy hem berkitmäge,ösdürmäge uly ýardam edýär. Türkmen gazynyň diňe bir goňşy döwletlere ugradylmak bilen çäklenilmän, eýsem, alyslardaky doganlyk ýurtlarymyza-da hyzmat etmegi buýsandyryjy ýagdaýdyr.

Türkmenistan halkara derejesinde energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek ugrunda birnäçe möhüm başlangyçlary öňe sürýär. Eziz Diýarymyz Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlykda «Energiýanyň ygtybarly we durnukly üpjünçiligi» meselesini birnäçe gezek dünýäniň gün tertibine çykardy. Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan energiýa hyzmatdaşlygy boýunça birnäçe işler ýerine ýetirildi. Bu bolsa ýurdumyzyň energetika diplomatiýasynyň halkara derejesinde ykrar edilýändigini alamatlandyrýar.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi onuň energetika diplomatiýasynyň ösmegine hem oňyn täsir edýär. Bitarap ýurt hökmünde Türkmenistan ähli hyzmatdaşlar bilen deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürýär. Bu bolsa energiýa taslamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegine giňden ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda soňky ýyllarda Türkmenistan diňe bir uglewodorod serişdelerine däl, eýsem, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerine hem ünsi güýçlendirdi. Gün we ýel energiýasy ýaly ugurlar boýunça täze taslamalar işlenip düzüldi. Bu bolsa ýurduň energetika diplomatiýasynyň geljekki ösüş ugruny kesgitleýär. Bir söz bilen aýdanymyzda, Türkmenistanyň energetika diplomatiýasy ýurduň ykdysady ösüşiniň esasy hereketlendiriji güýji bolup çykyş edýär. Tebigy baýlyklaryň netijeli ulanylmagy, köpugurly eksport syýasaty, halkara hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegi we bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat bu ugurda möhüm ähmiýete eýedir. Geljekde hem Türkmenistan energetika diplomatiýasyny ösdürmek arkaly dünýäniň energiýa ulgamynda öz ornuny has-da pugtalandyrar.

**Aýjennet ROZYÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

8-nji iýunda Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow, iş sapary bilen Aşgabada gelen, ABŞ-nyň Döwlet sekretarynyň jemgyýetçilik diplomatiýasy boýunça orunbasary Sara Rojers bilen duşuşdy.




# Ömürlik

Aleksandra Dorogowanyň «Ajaýyp hekaýalar» kitabyndan

Heý, siziň bilen dünýädäki ähli zat barada gürleşip biläýjek bir dostuňyz barmy? Tapawudy ýok, bolsun gijäň ýary ýa gündiz, daşarda garly ýa ýagyşly howa, siziň ýanyňyza ylgap geläýjek, sizi üns bilen diňläp, şatlygyňyzy we kyn günleriňizi deň paýlaşyp biljek dostuňyz barmy? Eger beýle adam ýok bolsa, gynanma! Iru-giç ol hökman size duşar.

Enem-atam men dünýä inenimden soň, şäheriň asuda etraplarynyň birine göçüpdirler. Bu ýerde ejemiň hiç hili tanyşlary ýok eken, kakam bolsa işe gidýän ekeni. Şonuň üçin meni çagalar meýdançasyna aýlamagam, umuman, meniň terbiýäm baradaky aladalaryň hemmesi ejemiň başyna düşüpdir. Şol ýerde-de ejem Alisanyň ejesine duşýar. Täze tanyşlar goňşy bolup çykýarlar. Şeýdibem çagalar barada başlan umumy gürrüňiň soňy mähirli goňşuçylyk gatnaşyklaryna öwrülip gidýär.

Ýigrimi üç ýaşymyza çenli Alisa bilen aýrylmaz jora bolup galdyk. Men Alina, joramyň ady bolsa Alisa bolansoň, köpler biziň atlarymyzy çalyşýardylar. Biz çagalar bagyna-da bile gatnadyk, ýatýan ýerlerimiz hem biri-birine bakyp durdy. Biz ýerimizde gyşaran kişi bolup, soňra bile oýnaýardyk. Okuw döwründe hem bir partada oturýardyk. Sapakda bolsa mugallyma päsgel bermez ýaly ýörite «gep» depder ýöredýärdik. Her tomusda biz şol depderleri okap, bolup geçenleri ýatlap gülüşýärdik. Soňra mugallymlaryň biziň syrymyzy bilmändiklerine entegem haýran galýardyk. On birinji synpa çenli ol depderleriň sany sanardan kändi, ahyry biz olary obada enemiň sandygynda saklamaly diýen netijä geldik.

Men Alisa bilen ýokary okuw jaýyna, has takygy, Filologiýa we žurnalistika fakultetine okuwa girmek üçin taýýarlyk görýärdik. Hakykatda men ýazyjy bolup, çagalar edebiýatynda yz goýasym gelýärdi, Alisa bolsa žurnalist bolmagyň arzuwyndady. Çaga wagtymyz «Sen menden interwýu alarsyň» diýip, geljegimiz barada arzuw etmegi gowy görýärdik. Maňa sähelçe utuk ýetmänligi üçin okuwymy tölegli okamaly boldum. Şol sebäpli men okuwymyň tölegi üçin işlemeli diýen karara geldim. Alisa hemişe menden gowy okaýardy. Şonuň üçinem ol talyp haklydy.

Okamak, uniwersitet durmuşy bize ýarady. Ahmal toparda göreldeli bolanymyz üçindir. Alisa meni ýazyjylardan maslahat almak üçin edebiýat agşamlaryna alyp gidýärdi. Emma bäşinji ýyl durmuşymyzy düýpgöter üýtgetdi. Ikimiz hem geljekki ýanýoldaşlarymyz bilen tanyşdyk. Olar doganoglan bolup çykdylar. Men Mişa bilen Parižde söýgüli aktrisamyz Jennifer Morrisonyň geçiren maslahatynda tanyşdym.

Mişa iş üsti bilen Moskwa gelmeli bolupdyr. Soňra duýdansyz onuň bilen işleýän ýerimde gabatlaşdyk. Mişa meni duşuşyga çagyrmazdan öň birnäçe gezek geldi. Soňra biz ýygy-ýygydan seýilgählere, kinodyr teatrlara bile gidip başladyk. Şol wagtlar men dostlukly gatnaşygymyzyň has uly zatlara ýazjagy barada pikirem edemokdym. Biz duşuşyp başladyk, ýöne men Alisany alada edýärdim, sebäbi indi oňa az wagt aýyrýardym.

Mişanyň doglan gününe doganoglany Dimanyňam gelenini gördüm. Bütin agşam men joramy we Dimany synlap, olaryň gözlerindäki uçganaklardan aňdym. Aşyklaryň ikisem daşary ýurt dillerini öwrenmegi söýýärdiler. Men Alisanyň ýüzünde peýda bolan çagalyk ýylgyryşyny görüp, tüýs ýürekden begendim. Dima bilen Mişa hem biz ýaly bile ulalypdyrlar. Olar çagalygy barada gyzykly wakalary gürrüň berýärdiler.

Näçe geň bolsa-da, Dima bilen Alisa ilkinji bolup durmuş gurdular. Olar örän bagtlydylar. Emma hemmeden beter kakam köp tolgunypdy. Kakam Alisany öz gyzy ýaly eý görýärdi. Elbetde, men bilen Mişa olaryň toýlarynda şaýat bolupdyk. Biz bolsa diňe ýarym ýyldan soň durmuş gurduk.

Men hemişe Alisa bilen dostlugymyzy üýtgeşik hasaplaýardym, ony hiç zadyň bozup bilmejekdigine berk ynanýardym. Hatda garaşylmadyk habary eşidenimde-de, birbada kaýyl bolup bilmedim. Dima Sankt-Peterburgda gowy iş teklip edilip, ähli şertleri bar bolan jaý bilen üpjün edildi. Elbetde, men gaty gynandym. Sebäbi Alisadan başga ýakyn joram ýokdy. Durmuşda şeýle ýagdaýlaram bolaýýar. Alisa bilen hoşlaşanymyzda gözýaşlaryma erk edip bilmedim.

Men aşhanadan gelýän janalyjy ysa oýandym. Gapdalyma elimi uzatsam Mişanyň ýeri boş eken. Çagalaryň ýatýan otagyna barsam, Maksim bilen Milana süýji ukuda ýatyrlar. Sekiz ýyl ozal biziň ekizlerimiz dünýä indi. Birbada iki çaga seretmek ýeňil-ýelpaý işem däl, onda-da işgär bolup. Şol wagtlar ene-atalarymyz uly goltgy berdiler. Gynansakda, olaryň birinji synpa baranyny görmek welin oňa nesip etmedi. Tomus dynç alyş möwsümi bolansoň, çagalar arkaýyn ýatyrdylar. Aşhana barsam, Mişa gaz enjamyň başynda başagaý bolup ýör. Ol meniň doglan günümi gutlap ertirlik taýýarlap ýör ekeni.

Ertirlik taýyn bolýança men daşaryk ýörüşe çykdym. Men parkyň içi bilen gidip barýarkam, bir uly jaýyň gapdalyndan geçdim. Ol şu köçedäki jaýlardan hiç hili üýtgeşik däldi, bir tapawutlanýan ýeri içki howlusyndan daşyna eýwan çykýardy. Meniň pikirimçe, ony bir gurply maşgala uzak wagtlap gurdurandyr. Men durdum, emma täze goňşulary görmedim, belki olar indi gelmelidirler.

Öýe dolanyp gelsem, çagalar meni gözläpdirler, saçak bolsa ýazylyp men gelýänçäm ertirlik sowabam ýetişipdir. Meniň pikirimçe, sowuk byzmyklar has lezzetli bolýar. Men maşgala bolup bir saçakda oturyp, gündelik edilmeli işleri maslahatlaşmagy halaýaryn. Ene-atalarymyz myhmançylyga gelenlerinde saçagy uludan ýazýardy. Emma men o diýen ökde aşpez däldim. Gaýynenem gelse-hä, meni göni kitap ýazmaga ugradýardy. Ol meniň esasy muşdagym, hemişe kömege gaýym. Gaýynym hem ýaşlyk ýyllarynda döredijilik bilen meşgullanypdyr. Ahmal şondandyr, biz biri-birimize gowy düşünýäris. Men öz doglan günümi bellemegi meýilleşdirmändim, emma ýoldaşym ýakynlarymyz bilen bellemek baradaky teklibe meni boýun etdi. Mişanyň menden bir zatlar gizleýändigini duýýardym. Öz ýanymdan bir sowgat taýýarlaýan bolsa gerek diýip goýýardym. Soňky wagtlar ol telefonda köp gepleşýärdi, emma men otaga girdigim, bir bahanalar bilen gürrüňini tapba kesýärdi.

Saçakda goýulan artykmaç gap-çanaga gözüm düşenem soldy welin, gapy kakyldy. Men gözüme ynanmadym. Ine, öňümde meniň ezizim we mähribanym Alisa durdy. Ol meni garsa gujaklady. Şol wagt mende gözümden akýan ýaşy saklamaga güýç ýokdy. Men bir wagtda begenjegimem ýa haýran galjagymam bilmedim. Maňa hiç kim hiç zat aýtmady, emma indi hemmesi düşnüklidi, Mişa muny öňünden gurnapdyr. Görüp otursak gapdaldaky goňşy jaýa Alisa maşgalasy bilen hemişelik göçüp gelýär eken. Bu meniň iň gowy doglan günlerimiň biri bolupdy. Soňra men Alisa bilen ikiçäk gepleşmek üçin daşaryk çykdym.

Biz biri-birimizi gujaklap, soňra ýylgyrdyk. Wagt hemişe biz üçin çalt geçýärdi. Biziň ýene-de gözümize uky gelmedi, şu günden başlap gepleşere köp wagt boljakdygyny bilsek-de, goýbersem ýene-de birnäçe ýyllap gözümden gaýyp bolaýjak ýaly aýrylyşasymyz gelmedi.

**Rus dilinden terjime eden**
**Ogulnar ORAZMYRADOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
5-nji ýyl talyby.

# EÝSEM-DE, BAÝLO KIM BOLUPDYR?



Orta asyrlarda, ýagny 1453-nji ýyldan soň, Muhammet II Konstantinopoly Osman imperiýasynyň paýtagty diýip yglan edýär. Wenesiýa Osmanlylar bilen agyr uruşlaryň netijesinde goranmak üçin diplomatik serişdelere daýanmaly bolupdyr. Bu ugurda Baýlo uly hyzmatlary bitiripdir. Baýlo sözi latynça «baioulos» sözünden gelip çykyp, «daşaýjy», «äkidiji» diýen manyny berýär. Şol döwürde Konstantinopolda diplomatlar «baýlolar» diýlip atlandyrylypdyr. Baýlo Konstantinopolda Wenesiýanyň işlerine gözegçilik eden we hemişelik iş alyp baran diplomatdyr. Baýlonyň işi örän möhüm bolup, ol Osmanly soltany bilen Wenesiýanyň hökümetiniň arasyndaky dostlukly hem-de söwda gatnaşyklaryny saklamakda, şeýle-de islendik düşünişmezlikleriň parahatçylykly ýol bilen çözülmegine uly ýardam edipdir. Baýlo öz işlerini üstünlikli ýerine ýetirip, Osmanly soltanynyň göwnünden turup bilipdir we ykdysady, diplomatik gatnaşyklarynyň gülläp ösmegine ýol açypdyr. Muhammet II uruşdan soň wenesiýalylar barada kabul eden resminamasy bolan «Ahidnamada» ýörite wenesiýaly söwdagärleriň, baýlolaryň artykmaçlyklaryny, eldegirmesizligini, immunitetlerini berkidipdir. Ýöne şol döwürde bu wezipäni ýerine ýetirip biljek tejribeli birini tapmak aňsat bolmandyr. Baýlo wezipesine ilkinji bellenen öz işine ökde Bartolomeo Marçello bolupdyr. Soltan Baýezid II-niň döwründe Andrea Gritti bu wezipäni ýerine ýetiripdir. Ol 1499-njy ýylda käbir sebäplere görä tussag edilipdir.

Umuman, wenesiýaly baýlolar öz döwründe Osman imperiýasy bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýup, Wenesiýanyň bähbitlerini gorap bilipdirler.

**Ogulnar GARRYGULOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
2-nji ýyl talyby.

# HAKYKY GÖZELLIK NÄMEDEN BAŞLANÝAR?

Adamzat döräli bäri ynsan gözellige, owadanlyga, ajaýyplyga maýyl. Türkmeniň ajaýyp şahyry Kerim Gurbannepesow: «Gözelligi sor bagryňa, öýkenňe...» diýip, ýöne ýere aýtmandyr. Çünki esasy mesele gözelligi duýmagy, aňmagy, görmegi we ondan lezzet almagy başarmakda. Elbetde, bu başarnyk adama taýýar görnüşde berilmeýär. Ol terbiýäniň kömegi arkaly gazanylýar. Ähli zat gözellikde jemlenmän, eýsem, ilki adamzadyň terbiýesi göz öňünde tutulýar. Onuň köpçülikde özüni alyp barşy, edebi, ekramy, sözleýiş medeniýeti, süýji dilliligi onuň gözelligini subut edýär. Adamzat şu hereketler arkaly gözellik dünýäsine aralaşýar, gözelligi gazanýar we oňa golaýlaşýar. Ýagny, adamyň hemme zady, ýüzi-de, egin-eşigi-de, kalby-da, pikiri-de gözel bolmalydyr. Düýpli seredenimizde, terbiýäniň ahyrky maksady ynsanyň daşky we içki gözelligini gazanmakdan ybaratdyr.

Günlerde bir gün gözellik bilen betnyşanlyk ýolda gabatlaşypdyr. Betnyşanlyk erbet pikir bilen gözellige ýüzlenip: «Gel, bile deňze gezelenje gideli!» diýipdir. Hiç wagt ýaman pikirde bolup görmedik gözellik bolsa, onuň bilen razylaşyp betnyşanlyk bilen deňze girip suwda ýüzüp başlapdyrlar. Az-kem ýüzenlerinden soň, betnyşanlyk gözellige ýüzlenip: «Men biraz ýadadym, azajyk dem-dynjymy alaýyn» diýip deňizden çykypdyr. Gözelligiň hiç zatdan bihabarlygyndan peýdalanan betnyşanlyk onuň geýimlerini geýip, birden ýitirim bolupdyr. Ençeme wagt geçenden soň, gözellik ýadap deňizden çykypdyr. Seredip görse, ol başyna düşen ýagdaýlara düşünipdir. Ýöne, welin, indi giçdi. Ol hiç hili çäresiniň ýoklugyna göz ýetirip, ol hem betnyşanyň geýimlerini geýip ýola düşüpdir. Şonda-da gözellik öz gözelliginde galypdyr. Sebäbi gözelligi onuň eşigi däl-de, eýsem, onuň kalbynyň päkligi bezeýärdi. Betnyşanlyk bolsa gözelligiň ornuny hiç wagt tutup bilmeýär, sebäbi onda gözelligiň kalbyndaky ýaly päklik ýokdy.

**Laçyn MÄTJÄÝEWA,**
Halkara žurnalistikasy
fakultetiniň 3-nji ýyl talyby.

8-nji iýunda TDIM-de Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary A.Gurbanowyň Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministriniň orunbasary B.Usmanow bilen duşuşygy geçirildi.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

*Baş redaktoryň orunbasarlary:* A.Ýazwelíýew, Ý.Hallyýew.
*Jogapkär kätip:* O.Çaryýarowa.
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* A.Begenjow.
*Bölüm müdiri:* B.Baýhanow.
*Edebi işgärler:* Ş.Şyhyýew, A.Nedirowa, A.Baýjiýewa, G.Allagulyýewa, O.Garrygulowa.
*Korrektorlar:* O.Geldiýewa, S.Çaryýew.
*Fotohabarçy:* T.Gurbandurdyýew.

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
P.Çaryýew, M.Berdinyýazow, B.Gylyçmyradow, R.Bäşimow, B.Karaýew, O.Ezimowa, M.Gandymowa, D.Ballyýewa, B.Ataýew, M.Atajanowa, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com